# Owadan Bahar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Owadan Bahar OWADAN BAHAR

*Ýaşlykdan ýadygär, gizlenip galan goşgy*

Al-öýme ýaglygyň alkymyň ýapar,
Altyn halkalaryň boýnuňda hatar.
Ak ýüzüň dünýäniň misli gündizi –
Owadan, Bahar!

Öýkeläp gideňden bäri şol sapar,
Gözlerim intizar ýoluňa bakar.
Bilmedim, kim boldy, meni özüňden
Sowadan, Bahar!

Gel, etmäli läläm, bir-birden gahar,
Ýaraşmaga indi boldy çen, mahal.
Juda gereklisiň maňa suwdan hem
Howadan, Bahar!

Huşumda diňe sen, her şam, her säher,
Görmesem dünýämi gam-gussa basar.
Yşk hesretin hem lezzetin kalbymda
Oýadan, Bahar!

Ýylgyryp bakyşyň jana hoş ýakar,
Gaharly göreçleň ok bolup batar.
Taý tapman özüňe, gözläp şäherden,
Obadan, Bahar!

Al-öýme ýaglygyň alkymyň ýapar,
Altyn halkalaryň boýnuňda hatar.
Umman gözüň göýä gijäň tümlügi –
Owadan, Bahar!

1982 ý.

“Nesil” gazeti, 19.10.2020 ý. Goşgular